# Kyrk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kyrk KYRK

Indiden soñ saz öwrenme netim ýok,
Dutarsyzam öz sözümi söýlärin.
Yşkyñ jandan ötüp, süññüme ýetdi,
Wujudymda bir çorbalyk etim ýok.
Men şonda-da wysalyñy peýlärin,
Ýogsa sen birmahal dikanlap gözme:
«Peýdasyz garaşmak netije bermez.
Gel, herimiz ýolumyza gideli,
Hyýala aldanyp bihuda gezme»
diýseňem, bu ýyllar,
Namyrat ýyllar
Üstümizden bir müçäni aşyryp
Bizi ýene öñki ýerde duşurdy.
Hawa, hawa, ýene şol öñki ýerde
Duýgy rüstem gelip akly çaşyryp
Ýüregmi ýüregñe golaýlaşdyrdy…
Diýmek, bulam ýazgytmyşyn…
Nädeli…
Men nätmekden Hudaý saklasyn diýýän,
A sen bolsa galýañ tükenmez derde
Ýeri, indi nämä ýaýdanjyraýañ,
Ýa geçsin diýýäñmi ýene bir müçe
Şo-ol öñki utanjañ,
Şol kerjemkerde
bolşuñy bes etmän siltenjireýäñ.
Ah, gyraw düşüpdir çekgede saça
Az galypdyr ýaşyñ kyrk bolaryna.
Belki-de, mytdyllap barýan ýyllaryñ
Çöwlüminde zybanymy giderip
Garaşýansyñ meniñ pyrk bolaryma?!.. Goşgular